# Pöwrizä

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Pöwrizä PÖWRIZÄ



Edep-ekram, görk-görmegiň babatda,
Kerim şahyr aýtmyşlaýyn, apat-la!
Gezsem bu ýaýlany taýyň tapylmaz,
Ne Ahalda, ne Balkanda, Şabatda…
Biribardan saňa saglyk dileýän,
Sözleriň düründen dürün eleýän.
Tarypyňa ejiz gelýär sözlerim,
“Pyragy şygryna – diýdim – taý gelýäň!”

Lowurda arşda, nur saç zeminde,
Mähir-muhabbet bar ýakan şemiňde.
Akyl sen, nakyl sen, şekil sen, hanym,
Gözellik bar gözelligiň deňinde.

Diýdim muny, däldir dogan, galadym,
Göz ýetirdim muňa söýlän halatym.
…Uçup barýar hatar gurap durnalar,
Sen içinde, gyrylmasyn ganatyň.

04.03.2024. Goşgular